# Minewranyň baýguşy diňe alagaraňkylykda uçýar

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Minewranyň baýguşy diňe alagaraňkylykda uçýar MINEWRANYŇ BAÝGUŞY DIŇE ALAGARAŇKYLYKDA UÇÝAR



*Surat: Wahap Aýdogan*

«Hiç bir güýç adamy dünýäniň süňňünden syzylyp çykýan dert-aladalardan gorap bilmez, emma adamy öz eli bilen döreden dert-aladalaryndan gorap saklajak iň uly güýç sungatdyr».

Zewsiň söýgüli gyzy, Zews galkanyny we ýyldyrymyny şondan başgasynyň götermegini islemeýär. Örän ukyp-başarnykly, urşujy we strategiki paýhasa eýe… Parahatçylygyň tarapdary bolandygy üçin zeýtun şahasy ony alamatlandyrýar. Dogruçylygyň we hakykatyň hudaýy, pähimliligi bolsa baýguş bilen

alamatlandyrylan obrazdy Afina…



Şol bir wagtyñ özünde ol grek mifologiýasynda zehiniñ, sungatyñ strategiýanyñ, ylhamyñ we parahatçylygyñ hudaýy. Rim hudaýy Minewra gadymy grek mifologiýasyndaky Afinanyñ rim mifologiýasyndaky garşylygydyr.
Minewra baýguşy alamatlandyrýar, baýguş pähimliligiñ we hiläni añşyrmaga ukyply aýratynlyklaryñ mugallymydyr. Çünki baýguş hiç kimiñ görmeýän zadyny görýär, bilmeýänini bilýär, hemmeleriñ uka giden wagtynda ganatlaryny açýar we iñ dogry sözleri şomahal açyp berýär.



Grek mifologiýasyndaky yrsgal-bereketiñ we ýeriñ hudaýy Demetere gurban edilen guş hökmünde agzalýar.
«Minewranyñ baýguşy» metaforasyny Gegel «Hukuk pelsepesi» kitabynyñ girişinde ulanýar. «Minewranyñ baýguşy diñe tümlük çökenden soñ uçýar». Ähli akyldarlara ylham berjek bu metaforany şeýle düşündirýär:

«Taryhyñ maddy praktikasy orta çykandan soñ Minewranyñ baýguşy ganatlaryny açýar we uçmaha hyýallanýar. Dünýäniñ nähili bolmalydygyny öwrenmek pikiri bilen ýene bir söz aýdaýyn: Filosofiýa bu boýunça elmydama gijä galýar. Dünýäniñ düşünjesi hökmünde pelsepe diñe reallygyñ döreýiş prosesini işläp gutaran wagtynda orta çykýar. Düşünjåniñ öwreden zadyny taryh birmeñzeş mejburylyklar bilen görkezýär. Emma barlyklaryñ kämillik çagynda ideal reallygyñ garşysynda dikilýär we şol bir dünýäni jöwheriniñ içinde añlandan soñ ony pikirler dünýäsi görnüşinde täzeden gurar. Filosofiýanyñ öçügsi reñki öçügsi zemine uran wagtynda durmuşyñ alamaty garrylyk günlerini tamamlaýandygydyr. Filosofiýanyñ öçügsi reñki bilen ol ýaşlaşdyrylyp bilinmez, diñe bilip bolar. Minewranyñ baýguşy diñe gün ýaşandan soñ uçmaga başlaýar.
Siwilizasiýalardan göterilen we entek adam ýüzi görmedik onlarça ahy-nalalara beslenen adam kyssalary has gumanist we owadan döwre gönügen gözboýagçylykly illýuziýany açyp görkezýäne meñzeýär.
Dünýäniñ medeni we magnawy çagşamalarynyñ derñew astyna alynan günlerini başdan geçirýäris. Tehnologiki üýtgeşmeleriñ görlüp-eşdilmedik derejede ösüşiniñ kollektiwleýin adam ýaşaýşynyñ çepbesine çöwrülen nesliñ dünýä deñlemesinde näçe peýdaly aýratynlyklary bilen mahabatlandyrylýandygyny hemmämiz görüp durus. Indi ne tehnologiýa adam durmuşyny arşa göterip bilýär, ne-de tehnologiýa bolan ynam öñegidişlik gazandyrýar.



Minewra metaforasy ideologiýa, şatlyk, ynanç we duýgy dünýämiz boýunça başdan geçirýän her bir zadymyza häzirden düşündiriş bermegi we duýmagy öwrenmegiň gerekgini sorag astyna alýar. Adamyň bu prosesiň içindäki roluna ünsi çekýär. Hiç zat etmezden yzy bilen pähimdarlygyň gelmejegini öňe sürýär.
Ýaşaýşa degişli wakalar baradaky pikirlerimiziň diňe wakalar bolup geçenden soň orta çykýandygy hakykat. Şonuň üçinem baýguş metaforasy alagaraňkylykda hakykaty has gowy analizleýär.
Ýogsam bolmasa ýaşaýşyň iň ýöntem perspektiwasyndan seretsek, şolar ýaly aňsat we ownuk kararlar gözümiziň öňündekä etmedik işlerimiz üçin haýykmalarymyz, geçmişi derneýän düşünje bilen wagtda eglenmelerimiz esseme-esse artyp gidip dur… Hatda adam has ýokarky perdeden analizler hem edþär
Iki deňlemäniň arasynda birini saýlap almaly bolanymyzda saýlawlarymyz hakda-da real bolan proses gutarmanka sebäpkärini öz içimizden tapmaga synanyşýarys. Ýaşaýyşdaky analizleriň we kararlaryň ýönekeý «hawadan» ýa-da «ýokdan» ybarat däldigini iň garaňky wagtlarda görmäge başlaýarys.
Prosesiň gürsüldisi dowam etdigisaýy dünýewi şertlerden

garaşsyz pikirlerimiz hakykatçyl bolmakdan daşlaşýar. Emma wakalar gutarandan, suwlar durlanandan soň nämäniň näderejede dogrudygyny ýa-da näderejede ýalňyşdygyny göreris.
Taryhy wakany ýa-da başyňyzdan geçiren günüňizi düşündirip bolar, bu baradaky düşünjelerimizi waka gutarandan soň şekillendirip bileris.
Hemmämiz ýaşaýyşdaky dinamikalarymyz bilen öz taryhymyzy köpeldip, ýaşaýşyň dürli-dürli ugurlarynda düşünilmäge garaşýarys, çünki durmuş suw ýaly akyp barýar we her bir adam taryh eleginiň ýazgysyny ýazmaga, ony birikdirmäge, añlamaga dowam edýär.
Hemmetaraplaýyn ýaşaýyş deňlemesinde taryhyň maddy praktikalary orta çykandan soň Minewranyň baýguşy alagarañkylykda iň reñkli we owadan ganatlaryny açýar hem-de iň pähimdar tarapy bilen iň arassa synlaryny edýär.
Ömrümiziň parametrleriniň üstündäki näzijek peýkam iň garañky döwürlerde orta çykýar we peýkamyň añyrsyny açyk-aýdyň analiz etmegimize sebäp bolýae. Iň garañky wagtlarymyzyň ýolgörkezijisi-de gürrüñsiz baýguş metaforasy bolar…
Wahap AÝDOGAN,
suratkeş, senetkär / @san_artt

Ýekşenbe, 21.07.2024 ý. Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty